# DFF - Datly Şerbet Kompaniýasynyň Giňelmegi

| | |
|---|---|
| **Ýurt:** | TÜRKMENISTAN |
| **Taslama Belgisi:** | 51653 |
| **Işiň görnüşi:** | Agrobiznes (Oba hojalyk önümçiligi) |
| **Habarnamanyň Görnüşi:** | HUSUSY |
| **Daşky Gurşawy Goramak boýunça Derejesi:** | B |
| **Kesgitlenen tassyklama senesi:** | 2020-nji ýylyň 24-nji marty |
| **Ýagdaýy:** | Tassyklanan |
| **Taslamanyň Gysgaça Mazmuny (PSD) Görkezilen:** | 2020-nji ýylyň 07-nji apreli |

## Taslamanyň Beýany

Türkmenistanda iň bir öňde baryjy konditer önümlerini öndüriji "Datly Şerbet" Hususy Kärhanasyna (K**ompaniýa**) ABŞ-nyň 8 million dollaryndan 16 million dollaryna çenli möçberindäki umumy maksatlara niýetlenen ileri tutulýan (aýratynlyk) derejeli girewli uzak möhletli karz serişdelerini (**Karzy**) bermek barada. Karz kompaniýanyň giňeldilmeginiň birinji tapgyrynyň maliýeleşdirilmegine öz içine alýar.

## Taslamanyň Maksatlary

Bu karz, ilkinji ösüş tapgyrynyň çäginde konditer önümleriniň diwersifikasiýasy (dürlileşdirmek) üçin enjamlaryň satyn alynmagyny maliýeleşdirer.

## Geçiş tapgyryna täsiri

ETI 66

1. Kompaniýa öz işiniň göwrümini giňeltmek we öndürýän önüminiň görnüşlerini diwersifikasialaşdyrmak maksady bilen maýa goýum goýup netijede başga önüm öndürüjilere we importýorlara görä öz bäsleşik ukybyny has-da artdyrar.
2. Önümleriň täze görnüşleri Kompaniýa Hytaýyň we Gyrgyzystanyň bazarlaryna öz önümlerini satmaga bolan mümkinçilikleri öwrenmäge ýardam eder. Netijede, konditer we süýji-köke önümleriniň eksporty 2023-nji ýyla çenli umumy öndürülýän konditer önümleriniň 20 göterimine barabar bolar.

## Müşderi barada maglumat:

DATLY ŞERBET HK

"Datly Şerbet", Türkmenistanda döredilen we hereket edýän hususy kärhanasy, 2014-nji ýylda döredilip öňde baryjy konditer önümlerini öndürüjileriň biri bolup durýar (**Kompaniýa**).

## ÝÖÖB-iň maliýeleşdirme möçberi

ABŞ-nyň 16 000 000.00 dollary.

ABŞ-nyň 16 million dollary möçberindäki ileri tutulýan (aýratynlyk) derejeli girewli uzak möhletli karz (onuň 8 million ABŞ dollary birinji tapgyr üçin niýetlenen) Kompaniýanyň tapgyrlaýyn ösüş maksatnamasynyň çäginde kompaniýanyň maýa çykdajylaryny maliýeleşdirmek üçin niýetlenen.

## Taslamanyň Umumy Bahasy

ABŞ-nyň 32,200,000.00 dollary

## Daşky Gurşaw we Sosial Meseleleriň Gysgaça Mazmuny

Ekologiki we sosial syýasat 2014 boýunça B derejesine degişli edildi. Daşky gurşaw we sosial meseleler boýunça bu taslama üçin ýuridik barlag öz içine kompaniýa tarapyndan tabşyrylan daşky gurşaw we sosial meseleler boýunça soragnamalaryň synyny alýar. Şu kompaniýada öň geçirilen daşky gurşaw we sosial meseleler boýunça ýuridik barlaga bankyň daşky gurşaw we durnukly ösüş bölümine degişli hünärmeniň degişli ýere barmagyny hem öz içiçne alýardy. Öňki ýuridiki barlagyň soragnamasy hem-de her ýylky hasabatlaryň esasynda Kompaniýa daşky gurşaw, saglyk, howpsuzlyk we zähmet dolandyryşy ugurlary boýunça milli talaplaryna laýyk gelýändigini tassyklady. Häzirki wagtda, Kompaniýada hil taýdan dolandyryşyň (ISO 9001) we iýmit önümleriň howpsuzlygy boýunça (ISO 22000) sertifikatlaşdyrylan ulgamlary hereket etmek bilen, daşky gurşawyň, saglygyň, howpsuzlygyň möhüm meselelerini çözmekde hünärmenleriň sany ýeterlik. Kompaniýanyň önümçilik kuwwaty döwrebap bolmak bilen, 2017-nji ýylda doly tamamlanan, goşmaça taslama üçin gerek bolan meýdança hökümet tarapyndan üpjün edilen hem-de hereket edýän önümçilik desgalaryna utgaşdyrylan. Daşky gurşaw, saglyk we howpsuzlygy dolandyrmagy häzirki ýagdaýyny kämilleşdirmek üçin Bank Kompaniýa bilen Daşky gurşaw we sosial işleri babatda meýilnama (ESAP) barada ylalaşdy, şol sanda ýerlerde degişli hünärli daşky gurşawyň, saglygyň, howpsuzlygyň

meseleleri boýunça işgärleriniň elýeterliligini üpjün etmek we ISO 14001 we 45001 ýaly oňat tejribe nusgalaryna laýyklykda daşky gurşaw, saglyk we howpsuzlyk pikirlerini bu ulgamlara goşmak üçin bar bolan dolandyryş ulgamlarynyň mundan beýläk-de ösdürilmegi ylalaşyldy. Kompaniýa bankyň jemgyýetçilik işleri bilen aragatnaşyk saklamaga we daşky gurşaw, sosial meseleleriň netijeleri we ekologik-sosial meýilnamasynyň ýerine ýetirilişi hakynda her ýyl hasabatlary tabşyrmaga borçlydyr.

## Tehniki Hyzmatdaşlyk

Ýok

## Goşmaça

Maliýeleşdirme gurluşy: Karzyň möçberi ortaça bazar görkezijisinden ýokary we (b) karz Taslamanyň gurluşlaýyn düzümini emele getirmek üçin zerur bolan bazar boşlugyny dolduryan uly göwrümli guraldyr.

Töwekgelçiligi azaltmak: (a) uly töwekgelçiligi üstüne aljak we/ýa-da innowasiýalar we täze bazarlara çykmak ýaly ahyrky netijeleri maliýeleşdirýän müşderi üçin oňaýlylyk döredýän müşderi bilen uzak möhletleýin gatnaşyklar, (b) ÝÖÖB müşderi üçin maliýe bilen bagly bolmadyk töwekgelçilikleri azaldýar.

## Kompaniýa bilen habarlaşmak üçin maglumatlar

Jenap Begenç Orazow
info@tazeay.com
Tel: +99352218233; +99352218233
http://tazeay.com/index.php
Türkmenistan, Mary şäheri, Margiana-Seydi köçeleriniň çatrygy.